MAKUL HABAR

atawatanhabar@gmail.com ATAVATAN TÜRKMENISTAN FEWRAL AÝYNYŇ 15-i, 2025. №6



# MILLI YKDYSADYÝETIŇ PUDAKLARY ÖSÜŞ ÝOLUNDA

**Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda şu ýylyň ýanwar aýynda milli ykdysadyýetiň pudaklarynda alnyp barlan işleriň jemleri jemlenildi, şeýle hem ýurdumyzyň durmuşyna degişli käbir beýleki meseleler ara alnyp maslahatlaşyldy.**

Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa ýurdumyzyň kanunçylyk binýadyny mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi. Bellenilişi ýaly, Mejlisde milli tejribeden we halkara hukugyň umumy ykrar edilen kadalaryndan ugur alnyp, Türkmenistanyň Raýat kodeksiniň täze beýanynyň, "Saýlawçylaryň bitewi döwlet sanawy hakynda" Türkmenistanyň Kanunynyň taslamalaryny taýýarlamak, Türkmenistanyň Jenaýat, Arbitraž iş ýörediş, Jenaýat iş ýörediş, Raýat iş ýörediş kodekslerine, "Administratiw önümçilik hakynda" Türkmenistanyň Kanunyna, ykdysadyýetiň aýry-aýry pudaklarynda amala aşyrylýan özgertmeleri hukuk taýdan düzgünleşdirmek bilen baglanyşykly hereket edýän kanunçylyk namalaryna üýtgetmeleri we goşmaçalary girizmek babatda degişli işler alnyp barylýar.

### ÝANWAR AÝYNYŇ MAKROYKDYSADY GÖRKEZIJILERI

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow şu ýylyň ýanwar aýynda gazanylan makroykdysady görkezijiler barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, ýurdumyzyň ykdysadyýetini durnukly ösdürmek üçin görlen toplumlaýyn çäreleriň netijesinde, hasabat döwründe jemi içerki önüm 6,3 göterim artdy, şol sanda ösüş depgini senagat pudagynda 1 göterime, gurluşykda 2 göterime, ulag-aragatnaşyk pudagynda 11,1 göterime, söwdada 9,9 göterime, oba hojalygynda 4,2 göterime, hyzmatlar ulgamynda 9 göterime deň boldy. 2024-nji ýylyň degişli döwri bilen deňeşdirilende, jemi öndürilen önümiň möçberi 9,2 göterim artdy. Ykdysadyýetiň pudaklarynda oňyn önümçilik görkezijileri gazanyldy. Hasabat döwründe bölek satuw haryt dolanyşygy 11,1 göterim, daşary söwda dolanyşygy 1,1 göterim ýokarlandy. Döwlet býujetiniň girdeji bölegi 101,9 göterim, çykdajy bölegi 97,4 göterim ýerine ýetirildi.

Hasabat döwründe Döwlet haryt-çig mal biržasy tarapyndan 26 birža söwdasy geçirilip, olarda 2 müň 178 şertnama hasaba alyndy. Şu ýylyň ýanwar aýynda Söwda-senagat edarasy boýunça ýerine ýetirilen işleriň ösüş depgini 113,9 göterime barabar boldy. Senagatçylar we telekeçiler birleşmesi boýunça geçen aýda oba hojalyk we azyk önümlerini öndürmegiň ösüş depgini 106,4 göterime, senagat önümlerini öndürmegiň ösüş depgini 105 göterime deň boldy.

Şeýle hem hasabat döwründe ylymly-bilimli nesilleri kemala getirmek, okuw kitaplaryny neşir etmek boýunça işler dowam etdirildi. Mekdep okuwçylary halkara ders we internet bäsleşiklerinde 12 medal gazandylar. Ylym ulgamynda-da maksada gönükdirilen işler alnyp baryldy. Şu ýylda ylmyň ugurlary boýunça aspirantura, doktorantura kabul ediljek aspirantlaryň, doktorantlaryň, alymlyk derejelerine dalaşgärleriň, kliniki ordinatorlaryň sany tassyklanyldy. Ýanwar aýynda bejeriş-öňüni alyş edaralarynda lukmançylygyň ugurlary boýunça meýilnamalaýyn işler durmuşa geçirildi. Gurbanguly Berdimuhamedow adyndaky Howandarlyga mätäç çagalara hemaýat bermek boýunça haýyr-sahawat gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna näsag çagalara dürli görnüşli operasiýalar we bejergiler amala aşyryldy. Hasabat döwründe bedenterbiýäni, sporty we Olimpiýa hereketini ösdürmek, türgenleri Olimpiýa oýunlaryna, çempionatlara, iri halkara ýaryşlara taýýarlamak boýunça işler dowam etdirildi.

Soňra hormatly Prezidentimiz mejlise gatnaşyjylara ýüzlenip, ýanwar aýynyň netijeleri boýunça jemi içerki önümiň ösüş depgininiň 6,3 göterime deň bolandygyny, şeýlelikde, milli ykdysadyýetimiziň pudaklarynda durnukly ösüşiň gazanylandygyny belledi. Geçen aýda maliýeleşdirmegiň ähli çeşmeleriniň hasabyna ýurdumyz boýunça özleşdirilen düýpli maýa goýumlaryň möçberi 3 milliard manatdan gowrak boldy. Bu bolsa halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş şertlerini has-da gowulandyrmaga, welaýatlarda goşmaça iş orunlaryny döretmäge mümkinçilik berýär. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz "Türkmenistany 2025-nji ýylda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň we maýa goýum Maksatnamasyny" amala aşyrmak boýunça netijeli işleri dowam etdirmegiň möhümdigini nygtady.

Hormatly Prezidentimiz sözüni dowam edip, 18-nji fewralda Türkmenistanyň diplomatik işgärleriniň gününiň bellenip geçiljekdigini aýtdy we Bitarap ýurdumyzyň diplomatik gullugynyň işgärleriniň öňde goýlan wezipeleri talabalaýyk ýerine ýetirmek ugrunda tutanýerli zähmet çekýändiklerine ünsi çekdi. Pursatdan peýdalanyp, döwlet Baştutanymyz milli diplomatik gullugyň ähli işgärlerini hünär baýramçylygy bilen tüýs ýürekden gutlady.

Mejlisde döwlet durmuşyna degişli başga-da birnäçe möhüm meselelere garaldy we olar boýunça degişli çözgütler kabul edildi.

## Türkmen ýaşlaryna Koreýa Respublikasynda talyp haky mümkinçiligi döredilýär

Koreýa Respublikasy bilen ylym-bilim ulgamyndaky hyzmatdaşlygy has-da giňeltmek maksady bilen Türkmenistanyň Koreýa Respublikasyndaky Ilçisi B.Durdyýewiň Songýungwan uniwersitetiniň prezidenti Ýu Ji Bom (Yoo Ji-Beom) bilen duşuşygy geçirildi.

Duşuşygyň dowamynda bu ýokary okuw mekdebi bilen ozaldan alnyp barylýan hyzmatdaşlygyň çäklerinde, Türkmenistandan kabul edilýän talyplar üçin kwotalaryň artdyrylmagynyň hem-de talyp haklary tölenýän ýerleriň berilmeginiň mümkinçilikleri barada pikir alşyldy. ◢4



## Masud Pezeşkian: Eýran Türkmenistan bilen gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga taýýar

Ozal hem habar berşimiz ýaly, Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri Raşid Meredowyň ýolbaşçylygyndaky Türkmenistanyň wekiliýeti Eýran Yslam Respublikasynyň paýtagty Tährana iş saparynda bolýar.

Türkmen wekiliýeti saparynyň çäklerinde Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkian tarapyndan kabul edildi. Bu barada ýurduň Prezidentiniň metbugat gullugy habar berýär. Eýranyň Prezidenti Masud Pezeşkian öz ýurdunyň goňşy döwletler, hususan-da dostlukly Türkmenistan bilen gatnaşyklara giňeltmäge taýýardygyny belledi.





Şeýle hem Prezident Pezeşkian Türkmenistan bilen dürli ugurlarda hyzmatdaşlygy pugtalandyrmaga uly ähmiýet berýändiklerini aýtdy. Eýranyň Prezidenti golaýda türkmen halkynyň Milli Lideri bilen telefon arkaly söhbetdeş bolandygyny belläp, onuň dowamynda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmegiň mümkinçilikleri ara alyp maslahatlaşandyklaryny nygtady. ◢2

## Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň Türkiýä sapary meýilleşdirilýär

Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy Dünýägözel Gulmanowa Türkiýe Respublikasynda saparda bolar. Bu saparyň 2025-nji ýylyň 25-nji fewralynda amala aşyrylmagy meýilleşdirilýär. ◢2

## Gazagystan emeli aň boýunça halkara hyzmatdaşlygyny ösdürýär

Fransiýanyň Pariž şäherinde geçirilen emeli aň boýunça sammite gatnaşdy hem-de bu ýerde emeli aň ulgamyndaky meşhur hünärmenler, şol bir wagtda "OpenAI" hem-de "Meta" kompaniýalarynyň wekilleri bilen duşuşdy. ◢3

## Türkmenistanly samboçylar Belarusda 13 medal gazandylar

13 medal – 1 altyn, 4 kümüş we 8 bürünç – türkmen samboçylarynyň Minskde tamamlanan Belarus Respublikasynyň Prezidentiniň baýragy ugrundaky XXIX halkara ýaryşynda eden çykyşynyň netijesi, ine şeýle. ◢4

cmyk

# Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygynyň Türkiýä sapary meýilleşdirilýär



Türkmenistanyň Mejlisiniň Başlygy Dünýägözel Gulmanowa Türkiýe Respublikasynda saparda bolar. Bu saparyň 2025-nji ýylyň 25-nji fewralynda amala aşyrylmagy meýilleşdirilýär. Bu barada Türkiýäniň ilçisi Ahmet Demirok metbugat ýygnagynda belläp geçdi.

Türk diplomatynyň bellemegine görä, türk tarapy bu sapara uly ähmiýet berýär. Saparyň çäklerinde iki ýurduň arasyndaky parlamentara gatnaşyklary pugtalandyrmaga gönükdirilen birnäçe möhüm duşuşyklar geçiriler.

Şeýle hem türk ilçisi Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasyndaky ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara toparynyň hem 8-nji mejlisiniň fewral aýynyň ahyrynda boljakdygyny belledi. Munuň üçin Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary Nökerguly Atagulyýewiň Türkiýä saparyna taýýarlyk görülýändigini belledi. Hökümetara toparynyň mejlisine türk tarapyndan Tükriýäniň wise-prezidenti Jewdet Ýylmaz ýolbaşçylyk eder.

# Türkmenistan bilen Rumyniýa energetika hyzmatdaşlygyny maslahatlaşdy



2025-nji ýylyň 13-nji fewralynda Rumyniýanyň Energetika ministrliginiň binasynda Türkmenistanyň Rumyniýadaky ilçisi A.Anaýew bilen Rumyniýanyň Energetika ministrliginiň Döwlet sekretary, energetika pudagynda türkmen-rumyn iş toparynyň rumyn tarapynyň ýolbaşçysy Pawel-Kasian Nitulesku we degişli bölümleriň wekilleriniň gatnaşmagynda duşuşyk geçirildi.

Duşuşygyň başynda taraplar energetika pudagynda iki ýurduň arasynda hyzmatdaşlygyň oňyn tejribesiniň bardygyny bellediler we ikitaraplaýyn gatnaşyklary has-da ösdürmek we giňeltmek üçin nebit-gaz pudagynda bilelikdäki taslamalary durmuşa geçirmek mümkinçiligine seredildi. Taraplar söwda we ykdysady hyzmatdaşlygyň ösmegine aýratyn üns berdiler.

Soňra taraplar türkmen-rumyn iş toparynyň energiýa pudagyndaky hyzmatdaşlygy boýunça alyp barýan işleri we iş toparynyň indiki ýygnagynyň Türkmenistanda geçirilmeli senesi barada pikir alyşdylar. Duşuşygyň ahyrynda özara peýdaly hyzmatdaşlygy ýola goýmak maksady bilen türkmen tarapy rumyn kompaniýalaryny Türkmenistanda her ýyl geçirilýän halkara nebit-gaz sergilerine we forumlaryna çagyrdy.

# Energetika ministri Baýraktar: türkmen tebigy gazy Türkiýä gelýär

Türk metbugatynyň habaryna görä, bu ylalaşygy jemgyýetçilik tory arkaly habar beren Türkiýäniň ministri: "Türkmenistan bilen Türkiýäniň arasynda energetika ulgamynda taryhy ädim ädildi. "BOTAŞ" kompaniýa-



sy bilen "Türkmengaz" döwlet konserniniň arasynda türkmen tebigy gazynyň Türkiýä iberilmegi babatda degişli ylalaşyk gazanyldy" – diýip belledi.

Türk ministri bu ylalaşygyň çäklerinde 2025-nji ýylyň 1-nji martyndan tebigy gaz akymyny alyp başlamagynyň göz öňünde tutulýandygyny aýtdy.

Mälim bolşy ýaly, düýn türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedow bilen Eýran Yslam Respublikasynyň Prezidenti Masud Pezeşkianyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşligi geçirildi.

Şol söhbetdeşligiň barşynda Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy türkmen tebigy gazyny Eýranyň üsti bilen «swap» usuly arkaly Türkiýe Respublikasyna ibermek boýunça «BOTAŞ» kompaniýasy bilen ylalaşyk gazanylandygyny mälim etdi.

Şeýle hem 2024-nji ýylyň 1-nji martynda türkmen halkynyň Milli Lideri, Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy Gurbanguly Berdimuhamedowyň Antalýa diplomatiýa forumyna gatnaşmak üçin Türkiýä amala aşyran saparynda Türkiýe Respublikasynyň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdogan bilen duşuşypdy we şol duşuşykda ýangyç-energetika ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek babatda möhüm ylalaşyklara gol çekilipdi.

Şeýle hem geçen ýylyň iýul aýynda Türkiýe Respublikasynyň energetika ministri Alparslan Baýraktar

> «Türkiýe Respublikasynyň energetika ministri Alparslan Baýraktar Türkmenistan bilen türkmen tebigy gazynyň Türkiýe Respublikasyna iberilmegi ýeňilleşdirjek ylalaşygyň gazanylandygyny we türkmen tebigy gazynyň 1-nji martdan Türkiýä gelmeginiň meýilleşdirilendigini belledi.»

Türkmenistanda saparda bolup, köp ýyllardan bäri tebigy gazyň Türkiýä iberilmegi babatda geçirilen gepleşikleriň iş ýüzünde amala aşyryljakdygyny belläpdi.

# Ilçi Demirok: Türkmenistanyň tebigy gazy 1-nji martdan Türkiýä barar

Ilçi Ahmet Demirok 2024-nji ýylda Türkiýe bilen Türkmenistanyň arasyndaky syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklara baha berdi.

Ilçi Demirok, Türkmenistan bilen gatnaşyklaryň her ugurda hormat esasynda ösdürilýändigini belläp, Türkiýäniň Türkmenistanyň iň uly söwda hyzmatdaşlaryndan biri bolmagyny dowam etdirýändigini belledi. 2024-nji ýylda umumy söwdanyň möçberi 2 milliard 166 million dollar möçberinde amala aşyrylandygyny aýtdy.

Energetika pudagynyň Türkmenistan bilen hyzmatdaşlygyň möhüm ugry

> «Türkiýäniň Aşgabatdaky ilçisi Ahmet Demirok Türkiýe bilen Türkmenistanyň arasyndaky gatnaşyklar barada metbugat ýygnagyny geçirdi. Daşary ýurtly we ýerli metbugat işgärleri, şol sanda "Atawatan Türkmenistan" halkara žurnalynyň habarçylary hem gatnaşdy.»

bolmagyny dowam etdirýändigini belläp geçen Türkiýäniň ilçisi, Türkmenistanyň tebigy gazynyň Eýranyň üsti bilen Türkiýä iberilmeginiň köp ýyllaryň dowamynda gün tertibinde durýandygyny nygtady.

Ilçi Ahmet Demirok, geçen ýyl türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň 3-nji antalýa diplomatik forumynyň çäklerinde Türkiýäniň Prezidenti Rejep Taýyp Ärdoganyň gatnaşmagynda gol çekilen energetika pudagynda hyzmatdaşlyk etmek hakyndaky ähtnama laýyklykda, Türkiýäniň "BOTAŞ" kompaniýasy bilen "Türkmengaz" döwlet konserniniň arasynda köp



sanly gepleşikleriň geçirilendigini, şonuň netijesinde 2025-nji ýylyň 10-njy fewralynda 2 milliard kubmetre möçberindäki türkmen gazynyň Eýranyň üsti bilen Türkiýä iberilmegi babatda degişli ylalaşygyň gol çekilendigine uly kanagatlanma bildirdi.

Ilçi bu usul bilen gaz akymynyň 2025-nji ýylyň 1-nji martynda başlajakdygyny aýtdy.

Ilçi 30 ýyldan gowrak wagt bäri türkmen gazynyň iberilmeginiň gün tertibinde bolandygyny we şeýlelik bilen türkmen doganlarymyz bilen bilelikde arzuwynyň amala aşyrandyklaryny aýtdy.

Türkmenistanyň tebigy gazynyň Türkiýä iberilmeginiň, Türkmenistanyň halkara energetika bazarynda tutuş dünýäde ygtybarly hyzmatdaşdygyny görkezmek nukdaýnazaryndan taryhy waka bolandygyny belledi.

# Masud Pezeşkian: Eýran Türkmenistan bilen gatnaşyklaryny pugtalandyrmaga taýýar



Başlangyjy 1-nji sahypada.

Hazarýaka döwletleriniň hökümet Baştutanlarynyň Tähranda boljak ýokary derejedäki duşuşygyna ünsi çeken Prezident Pezeşkian bu döwletler bilen parahatçylyk, hoşniýetli goňşuçylyk we dostluk ýörelgelerine esaslanýan hyzmatdaşlygy ösdürmäge çemeleşilýändigini belläp geçdi.

Türkmenistanyň wekiliýeti Türkmenistanyň Prezidentiniň hem-de türkmen halkynyň Milli Liderini mähirli salamyny ýetirdi. şeýle hem dürli ugurlarda, şol sanda ulag pudagynda bilelikdäki taslamalary ösdürmäge taýýardyklaryny aýtdy.

Şeýle hem türkmen tarapy ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça bilelikdäki hökümetara toparynyň ähmiýetini belläp, bu toparyň öňde boljak mejlisiň ykdysady gatnaşyklary pugtalandyrjakdygyny belledi.

Türkmenistanyň wekiliýeti Eýranyň Prezidentine Türkmenistanda geçiriljek Halkara parahatçylyk we ynanyşmak forumy üçin çakylyk hatyny gowşurdy we ýokary derejeli türkmen wekiliýetiniň Tährandaky Hazarýaka döwletleriniň duşuşygyna gatnaşjakdygyny belledi.

# Türkmenistanda emeli aň boýunça bäsleşik geçiriler




Emeli aň ugry boýunça «AI Product Hackathon» atly hakaton bäsleşigi geçirilýär. Ony geçirmegiň esasy maksady ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň arasyndan emeli aň ugry boýunça döreýän meseleleri ýüze çykarmaga, bu meseleler üçin döwrebap çözgütleri işläp taýýarlamaga ukyply ýaş zehinleri ýüze çykarmakdan ybaratdyr.

Hakaton bäsleşiginiň guramaçysy hökmünde Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika instituty çykyş edýär. Hakatonyň resmi saýty – bäsleşige gatnaşmak üçin ýüz tutmak we ýazylmak üçin zerur bolan maglumat çeşmeleri institutyň Internet ulgamyndaky resmi http://itit.edu.tm Web saýtynda ýerleşdirilýär.

Hakaton 2025-nji ýylyň fewral aýynyň 27-sinede geçirilýär. Gatnaşmak üçin isleg bildirýänleriň sanawyny basleshikttweii@gmail.com elektron poçtasyna ugratmalydyrlar. Bäsleşige gatnaşmak üçin Hasaba almak 2025-nji ýylyň fewral aýynyň 10-nda başlanyp, fewral aýynyň 25-ne tamamlanýar. Bu barada Türkmenistanyň Bilim ministrliginiň resmi saýtynda habar berilýär.

# Ýewropa Bileleşigi emeli intellekt üçin 200 milliardlyk maýa goýum meýilleşdirýär



Ýewropa Bileleşiginiň (ÝB) Komissiýasynyň ýolbaşçysy Ursula fon der Leýen Ýewropada emeli intellekt pudagyna 200 milliard ýewro maýa goýmagy maksat edinýändiklerini aýtdy. Fransiýanyň paýtagty Parižde geçirilen emeli aň boýunça sammitde çykyş eden ÝB-niň ýolbaşçysy Ýewropany emeli intellekt pudagynda öňdebaryjy ýyklymlaryň birine öwürmek isleýändiklerini aýdyp, bu ugurdaky işlerini çaltlaşdyryljakdyklaryny aýtdy.

ÝB-niň ýolbaşçysy Ýewropada emeli intellektiň döwlet we hususy pudaklar tarapyndan ep-esli möçberde maliýeleşdirilmegine zerurlygyň bardygyny belläp, hususy pudagyň 150 milliard ýewro wada beren emeli intellekt başlangyjyny goldaýandygyny aýtdy. Ýewropa Bileleşigi emeli intellekt ulgamynda maýa goýum möçberlerini artdyrmak bilen ABŞ hem-de Hytaý ýaly esasy bäsdeşleri bilen bäsdeşlik mümkinçiliklerini artdyrmak ugrunda tagalla edýär.

# ÝB-Merkezi Aziýa birinji sammiti Özbegistanda geçiriler



Ýewropa Geňeşiniň Başlygy Antoniu Koşta we Ýewropa Komissiýasynyň Başlygy Ursula fon der Lýaýen Özbegistanda saparda bolup, 2025-nji ýylyň 3-4-nji aprelinde Ýewropa Bileleşigi-Merkezi Aziýa birinji sammitine gatnaşarlar. Bu barada Ýewropa Geňşeiniň metbugat beýanatynda bellenilýär. Sammit Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýoýewiň başlyklyk etmeginde geçirilip, oňa Gazagystanyň, Gyrgyzystanyň, Täjigistanyň we Türkmenistanyň Baştutanlarynyň gatnaşmagyna garaşylýar.

Sammit Ýewropa Bileleşigi üçin ikitaraplaýyn gatnaşygy güýçlendirmek hem-de Merkezi Aziýa bilen sebitleýin hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin möhüm mümkinçilik döreder.

Sammitiň dowamynda ulag aragatnaşygy, möhüm çig mal, ykdysady we howpsuzlyk hyzmatdaşlygy we energiýa geçişi ýaly özara gyzyklanýan ugurlardaky hyzmatdaşlygy ösdürmäge degişli meseleler maslahatlaşylar.

Soňky ýyllarda ÝB bilen Merkezi Aziýanyň gatnaşyklary ýokary derejede alnyp barylýar: liderleriň gatnaşmagynda 2022-nji ýylyň oktýabrynda Gazagystanda we 2023-nji ýylyň iýunynda Gyrgyzystanda duşuşyklar geçirildi.

2023-nji ýylda Lýuksemburg şäherinde ministerler derejesindäki duşuşykda Ýewropa Bileleşigi bilen Merkezi Aziýanyň arasyndaky gatnaşyklary pugtalandyrmak üçin bilelikdäki ýol kartasy kabul edilipdi.

ÝB-Merkezi Aziýa 20-nji ministrler maslahaty 2025-nji ýylyň 4-nji martynda Aşgabatda geçiriler we bu duşuşyk öňde boljak sammit üçin özboluşly taýýarlyk meýdançasy bolar.

Ýewropa Bileleşigi sebitiň ikinji iri söwda hyzmatdaşydyr, şol sanda iri maýadary bolup, sebitiň maýa goýumlarynyň 40 göterimlik paýyna eýedir.



# Gazagystan emeli aň boýunça halkara hyzmatdaşlygyny ösdürýär

**Gazagystanyň sanly ösüş ministri Žaslan Madiýew we Gazagystanyň Prezidentiniň geňeşçisi Kuanyşbek Esekeýew Fransiýanyň Pariž şäherinde geçirilen emeli aň boýunça sammite gatnaşdy hem-de bu ýerde emeli aň ulgamyndaky meşhur hünärmenler, şol bir wagtda "OpenAI" hem-de "Meta" kompaniýalarynyň wekilleri bilen duşuşdy.**



**Daşary ýurtly hünärmenler Gazagystanyň emeli aň ulgamyndaky işläp düzmelerine ýokary baha berdiler. "Meta" kompaniýasynyň emeli aň boýunça baş ylmy işgäri Ýan LeKun Gazagystanyň "KazLLM" dil modeliniň möhümdigini belledi.**

**Ýan LeKun "LLaMA" uly dil modeliniň işläp düzüjisi hasaplanýar. Bu işläp düzme emeli aň goşundylarynyň esasyny düzdi. "KazLLM" goşundysy hem şunuň esasynda döredildi.**

**Şeýle hem gazak ministri "OpenAI" kompaniýasynyň ýolbaşçysy Sem Altman we beýleki ýolbaşçylar bilen duşuşdy. Duşuşykda elektron hökümet ulgamyna emeli aňy ornaşdyrmak, şahsy maglumatlaryň syzdyrylmagynyň öňüni almak babatda maglumat howpsuzlygy ugrunda iş alyp barmak babatda pikir alyşmalar geçirildi.**

# Makron: Fransiýa Ýewropanyň emeli aň merkezi bolar

**Fransiýanyň ýakyn ýyllarda emeli aň ulgamyny ösdürmäge gönükdirilen maýa ýogumlarynyň möçberi 109 milliard ýewro deň bolar. Bu barada Fransiýanyň Prezidenti Emmanuel Makron Pariž şäherinde geçirilen emeli aň boýunça Liderler sammitinde eden çykyşynda belläp geçdi.**



**– Ýewropa we Fransiýa täze ösüşlere barýar. Ýakyn ýyllarda Fransiýada emeli aň ulgamyna 109 milliard ýewro maýa goýumlary gönükdiriler – diýip, Makron belledi.**

**Onuň bellemegine görä, Fransiýadaky emeli aň taslamalarynda BAE-niň, ABŞ-nyň, Kanadanyň we Fransiýanyň kompaniýalary maýa goýumlaryny gönükdirer.**

**Prezident Makron Parižiň emeli aň boýunça Täze Deli we Pekin bilen hem iş alyp barmagy meýilleşdirýändigini belledi. Ol bu barada şeýle diýdi: "Biz Hindistan bilen hem işleşeris. Şeýle hem Hytaý bilen ABŞ ýaly deň derejede hyzmatdaşlyk ederis".**

**Pariždäki sammite Hindistanyň Premýer-ministri Narendra Modi hem gatnaşdy. Şeýle hem sammitde dünýäniň iri öňdebaryjy tehnologiýa kompaniýalarynyň ýolbaşçylary öz ornuny aldy.**

# Putin bilen Trampyň telefon söhbetdeşligi: özara duşuşyk Saud Arabystanyda bolup biler

Russiýa Federasiýasynyň Prezidenti Wladimir Putin bilen Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Donald Trampyň arasynda telefon arkaly söhbetdeşligi boldy. Bu barada Russiýa Federasiýasynyň Prezidentiniň metbugat gullugy habar berýär. Iki ýurduň döwlet Baştutanlary özara gatnaşyklaryň gün tertibi boýunça pikir alyşdylar. ABŞ-nyň Prezidenti öz tarapyndan gaznaylan ylalaşyklary ýerine ýetirmek üçin tagalla ediljekdigini belledi.

Söhbetdeşler halkara we sebit meselelerini ara alyp maslahatlaşdylar. Wladimir Putin amerikaly kärdeşiniň esasy ýöreleleriniň birini goldap, iki ýurduň bilelikde iş alyp barmagynyň wagtynyň gelendigini aýtdy.



Şeýle hem taraplar Ýakyn Gündogardaky ýagdaýlar, şeýle hem ykdysady pudaklarda rus-amerikan gatnaşyklaryny maslahatlaşdylar. Russiýanyň Prezidenti Donald Trampy Moskwa sapar bilen çagyrdy.

Wladimir Putin we Donald Tramp özara gatnaşyklary dowam etdirmek, şol sanda özara duşuşyklary guramak babatda ylalaşdylar. Amerikanyň Birleşen Ştatlarynyň Prezidenti Donald Tramp Ak Tamyň žurnalistleri bilen bolan söhbetdeşliginde rus kärdeşi Wladimir Putin bilen özara duşuşygynyň Saud Arabystanyda bolup biljekdigini belledi.

Ol Saud Arabystanyda ilkinji gezek duşuşyp biljekdiklerini belläp, Saud Arabystanynyň mirasdüşer şazadasy Muhammet ben Salmanyň bu duşuşygy guramaga gatnaşyp biljekdigini belläp geçdi. Putin bilen Trampyň telefon söhbetdeşligi Amerikanyň Prezidentiniň wezipesine girişmeginden 23 gün soňra amala aşyryldy.

Donald Tramp ozalky 5 ýyllyk prezidentlik döwründe Putin bilen 20 gezek telefon söhbetdeşligini geçiripdir we taraplaryň 6 gezek özara duşuşygy gurnalypdyr.

Tramp bilen Putin ozal Germaniýada we Wýetnamda halkara sammitleriň çäklerinde, Helsinkide, Parižde, Buenos-Aýresde we Osakada özara ikiçäk duşuşypdy.

# Tusk: Polşa Ýewropanyň öňdebaryjy ýurduna öwrüler



Polşa diňe bir öňdebaryjy Günbatar Ýewropa ýurtlarynyň yzyndan ýetmek bilen çäklenmän, eýsem olardan öňe geçmegi meýilleşdirýär. Bu barada ýurduň Premýer-ministri Donald Tusk belledi.

Onuň bellemegine görä, 2025-nji ýylda Polşa 650 milliard zlot (155 milliard ýewro) möçberinde maýa goýumlary özleşdirmegi maksat edinýär. Şeýlelikde, Polşa Ýewropa sebitinde logistika, "ýaşyl" energetika we emeli aňda öňdäki orunlary eýelemegi meýilnamalaşdyrýar.

Şunuň bilen baglylykda, Warşawa diňe bir öňdebaryjy günbatar ykdysadyýetli ýurtlaryň yzyndan ýetmek bilen çäklenmän, eýsem olardan öňe saýlanmagy göz öňünde tutýar.

Bu barada Warşawa birža gaznasynda çykyş eden, ozalky Ýewropa geňeşiniň başlygy, häzirki wagtda Polşanyň Premýer-ministri wezipesini alyp barýan Donald Tusk belläp geçdi.

Maýa goýumlary Polşanyň demirýol toruny ösdürmäge, "ýaşyl" energetika we emeli aň ulgamlaryna gönükdiriler. Ýakyn wagtda ýurduň hökümeti "Microsoft" we "Google" kompaniýalary bilen ylalaşyklar geçirip, amerikan kompaniýalarynyň maýa goýumlary boýunça anyk netijeler gazanar.

cmyk

# TÜRKMEN ÝAŞLARYNA KOREÝA RESPUBLIKASYNDA *talyp haky mümkinçiligi döredilýär*

**Başlangyjy 1-nji sahypada.**

Şeýle hem, Songýungwan uniwersiteti bilen ýurdumyzyň ýokary okuw mekdepleriniň arasyndaky hyzmatdaşlygy ýokarlandyrmak, hususan-da Türkmenistanyň Oguz han adyndaky Inžener-tehnologiýalar uniwersiteti hem-de Türkmen döwlet ykdysadyýet we dolandyryş instituty bilen gatnaşyklary ilerletmegiň ugurlary ara alnyp maslahatlaşyldy.



Songýungwan uniwersitetiniň prezidenti Ýu Ji Bom öz gezeginde türkmen tarapy bilen hyzmatdaşlygyň giňeldilmegine gyzyklanma bildirýändigini bellemek bilen, anyk ylymlar boýunça ýokary okuw mekdebini göreldeli tamamlan türkmenistanly ýaşlara Songýungwan uniwersitetinde "STEM (Science, Technology, Engineering, Mathematics)" maksatnamasynyň çäginde talyp haky tölenilýän magistratura okuwlaryny hödürlemäge taýýardygyny nygtady.

Ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň ýene bir ugry hökmünde Ilçi B.Durdyýew Songýungwan uniwersitetinde Türkmen dili sapaklaryň girizilmegine garamagy teklip etdi. Görnükli koreý ýokary okuw mekdebinde Türkmen dilini öwretmek boýunça sapaklaryň döredilmeginiň bu uniwersitetiň talyplarynyň köp ugurly bolmagyna hem-de bu ýerde berilýän bilimiň has giň we ýöriteleşdirilen görnüşe geçirtjekdigi barada Ilçi belläp geçdi.

Şeýle hem, gepleşikleriň barşynda Ilçi B.Durdyýew ýurdumyz tarapyndan öňe sürülýän daşary syýasy başlangyçlar, hususan-da, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň rezolýusiýasy bilen 2025-nji ýylyň «Halkara parahatçylyk we ynanyşmak» ýyly diýlip yglan edilmegi we Bitaraplygymyzyň 30 ýyllyk şanly baýramy mynasybetli Türkmenistanda we daşary ýurtlarda geçirilmegi meýilleşdirilýän halkara çäreler barada gürrüň berdi.

# TÜRKIÝÄ DAŞARY ÝURTLY talyplaryň sanyny 500 müňe ýetirer

Türkiýe Respublikasy daşary ýurtly talyplaryň sany artdyrmak ugrunda işjeň iş alyp baryp, 2028-nji ýyla çenli olaryň sanyny 500 müňe ýetirmegi maksat edinýär. Bu barada Türkiýäniň Ýokary bilim geňeşiniň başlygy Erol Özwar habar berdi.



Häzirki wagtda Türkiýäniň ýokary okuw mekdeplerinde 340 müňe golaý daşary ýurtly talyplar bilim alýar we bu görkeziji boýunça Türkiýe Respublikasy dünýäde 8-nji orunda durýar.

Erol Özwar öňde goýlan maksatlara ýetmek üçin bilim maksatmalaryny ösdürmegiň zerurdygyny belläp, Ýakyn Gündogar, Afrika we Merkezi Aziýa döwletlerinde täze okuw binalaryny açmagyň maksadalaýyk boljakdygyny aýtdy.

Şunuň bilen baglylykda, Erol Özwar tehnologik ugurlarda, şeýle hem inženerçilik we lukmançylyk ugurlaryna has ýykgyn etmegiň möhümdigini belläp geçdi.

Mundan başga-da, Türkiýe Respublikasynyň hökümeti ýokary bilimiň hilini has-da ýokarlandyrmak maksady bilen ösüşe goşandy bolmadyk maksatnamalary ýapmagy göz öňünde tutýar. Munuň özi diňe bir daşary ýurtdan has köp talyp çekmäge mümkinçilik bermän, eýsem ýurduň bilim derejesiniň hilini hem ýokarlandyrmaga şert döreder.



# TÜRKIÝE RESPUBLIKASYNA daşary ýurtdan talyp kabul synagy 60 ýurtda geçiriler

Türkiýäniň ýokary okuw mekdeplerine halkara talyplary kabul etmek maksady bilen guralýan Türkiýä daşary ýurtdan talyp kabul synagy (TR-YÖS) 60 ýurtda 88 synag merkezinde geçiriler.

Synag üçin hasaba alyş ertir başlap, 12-nji marta çenli dowam eder.

2025-nji ýylyň TR-YÖS/1 synagy Türkiýeden daşary 59 ýurtda we 69 merkezde, Türkiýede bolsa 18 şäherde 19 merkezde guralar. Bu synag 11-nji maýda geçiriler we Türkiýede ýokary bilim almak isleýän daşary ýurtly dalaşgärler tarapyndan ulanylar.

Türkiýäniň ýokary okuw mekdeplerinde bilim almak isleýän halkara talyplar üçin möhüm synag hasaplanýan TR-YÖS, dalaşgärlere akademik mümkinçiliklerini artdyrmak üçin täze mümkinçilikler açar.

Resminamalaryn terjimesi üçin

Halkara okuw resminamalaryň terjime hyzmaty : Makul Terjime

Daşary ýurtda bilim almak isleýän talyplaryň resminamalaryň dogry we takyk terjime edilmegi wajyp bolup durýar. Şu maksat bilen Türkiýede we dünýäniň dürli künjeginde bilim almak isleýän talyplar halkara okuw resminamalaryň terjimesi ulgamynda ýöriteleşen "Makul Hyzmat" Terjime Merkeziniň Aşgabat şäherindäki merkezlerine ýüz tutup bilerler.

"Makul Hyzmat" Terjime Merkezi

Aşgabat, Oguzhan (Aýtakow)-Ankara (Ýubileýni) köçesi, A Blok,

Makul Hyzmat Ofis, 4. gat, 401

Tel: +993 63 78 96 73 / + 993 12 96 48 55

Elektron poçta salgysy: makulhyzmat@gmail.com

MAKUL HYZMAT
TRANSLATION OFFICE/TERJIME MERKEZI
Dürli görnüşli resminamalaryň terjimesi
Habarlaşmak üçin:
Salgymyz: Oguzhan (Aýtakow)-Ankara (Ýubileýni) köçesi, A Blok,
Makul Hyzmat Ofisi 401.
Aşgabat Türkmenistan.
makulhyzmat@gmail.com
Tel:+993-63-78-96-73
TURKMEN RUSSIAN
ENGLISH TURKISH

# Türkmenistanly samboçylar Belarusda 13 medal gazandylar





13 medal – 1 altyn, 4 kümüş we 8 bürünç – türkmen samboçylarynyň Minskde tamamlanan Belarus Respublikasynyň Prezidentiniň baýragy ugrundaky XXIX halkara ýaryşynda eden çykyşynyň netijesi, ine şeýle.

Bäsleşige Belarusdan, Ermenistandan, Bolgariýadan, Germaniýadan, Gyrgyzystandan, Russiýadan, Täjigistandan, Türkmenistandan we Özbegistandan, jemi dokuz ýurtdan 200-den gowrak türgen gatnaşdy. Olar iki günüň dowamynda 21 – erkekleriň we zenanlaryň sport sambosynda ýedi, erkekleriň söweş sambosynda-da ýedi medal ugrunda bäsleşdiler.

Ýaryşyň ilkinji gününde türkmen samboçylary alty medal: 2 kümüş we 4 bürünç, soňky gün bolsa ýene ýedi medal (1 altyn, 2 kümüş we 4 bürünç) gazandylar.

Hormat münberiniň iň ýokary basgançagyna 71 kilograma çenli agram toparynda söweş sambosy boýunça ýaryşda ýeňiji bolan Kadyrjan Gafurow çykdy.

Geçen ýylky ýaryşda altyn medal gazanan Agasapar Muhadow (agramy 79 kg çenli) we Suhan Öwezgeldiýew (98 kg çenli), şeýle hem Ahmet Taňryberdiýew (58 kg çenli) we Kerim Kerimow (71 kg çenli) söweş sambosynda kümüş medal gazandylar.

Bürünç medallara zenanlar sport sambosynda Aziza Nazarowa we Aminat Guwanowa (ikisem 50 kilograma çenli agram toparynda), Zarina Abdyrahmanowa (54 kilograma çenli), Merjen Joraýewa (59 kg çenli), erkekler sport sambosynda bolsa Bagtyýar Bahramow (79 kg çenli), Isa Arslanow (79 kg çenli) we Begenç Baltaýew dagy mynasyp boldy.

Geçen ýyl bu ýaryşda türkmen samboçylarynyň 4 altyn, 3 kümüş we 8 bürünç, jemi 15 medal alandygyny ýatladýarys.

# Türkmenistanyň zenanlar ýygyndysy halkara ýaryşda birinji ýeňşini gazandy

Türkmenistanyň ýygyndysy Merkezi Aziýa futbol assosiasiýasynyň (CAFA) futzal boýunça zenanlar ýygyndylarynyň çempionatynyň üçünji tapgyrynda Täjigistanyň ýygyndy toparyndan 1:0 hasabynda üstün çykdy. Ýygyndy toparymyza ýeňiş getiren ýeke-täk topy oýnuň 12-nji minutynda Maýa Musaskaýa öz adyna ýazdyrdy.



Üçünji tapgyryň beýleki oýnunda Eýranyň ýygyndy topary uly hasap bilen (10:0) gyrgyzystanly garşydaşlaryndan üstün çykdylar.

Türkmenistanyň ýygyndysy 4-nji tapgyrda Eýranyň ýygyndysy bilen güýç synanyşar.

Geçirilen oýunlardan soň 6 utuk toplan Eýranyň ýygyndysy birinji orny eýeleýär. 4 utukdan toplan Türkmenistanyň hem-de Gyrgyzystanyň ýygyndy toparlary degişlilikde ikinji, üçünji orunlarda ornaşdylar. Iki oýunda 3 utuk toplan Özbegistanyň ýygyndysy 4-nji, utugy bolmadyk Täjigistanyň milli ýygyndysy ýaryş tertibinde iň soňky orny eýeleýär. Ýaryşa Gyrgyzystanyň, Eýranyň, Täjigistanyň, Türkmenistanyň hem-de Özbegistanyň ýygyndylary gatnaşýarlar. Aýlaw görnüşinde geçirilýän halkara ýaryşynyň ýeňijisi utuklaryň sany boýunça kesgitleniler.

# Türkmenistanly küştçi Daşkentde geçirilen halkara ýaryşda ýeňiji boldy



Türkmen küştçisi Saparmyrat Atabaýew Özbegistanyň Daşkent şäherinde 3-11-nji fewral aralygynda geçirilen "AL-BERUNIY" (Futures) 2-nji halkara küşt ýaryşynyň ýeňijisi boldy. 25 ýaşly halkara ussady (FIDE reýtingi-2516), mümkin bolan 9-dan 7 utuk toplady.

Ikinji orunda, şol bir deň utuk bilen hindistanly grossmeýster Pa Inýan (FIDE reýtingi-2523) ýerleşdi. Şunlukda, aýgytlaýjy, goşmaja oýunlaryň netijesinde Atabaýew Hindistandan gelen garşydaşyny ýeňmegi başardy. Ýaryşyň baýrakly üçinji orny Belarus döwletinden grossmeýster Mihail Nikitenko eýeledi (FIDE reýtingi-2512).

Ýaryş nusgawy (klassik) görnüşde geçirildi. Bu ýerde Özbegistandan, Hindistandan, Russiýa Federasiýasyndan, Şwesiýadan, Belarussiýadan we beýleki döwletlerden grossmeýsterler we FIDE ussatlary jemlendi. Bu ýaryşda ýeňiş, Saparmyrat Atabaýewe halkara grossmeýster derejesi berilmegi üçin zerur üçinji (jemleýji) kadany ýerine ýetirmäge mümkinçilik döretdi. Resmi taýdan Halkara küşt federasiýasynyň geňeşiniň (FIDE) mejlisinde kabul ediler.

Saparmyrat Atabaýewyň şu güne çenli ilkinji tälimçisi we halypasy Türkmenistanyň at gazanan tälimçisi Aýdogdy Atabaýew.